# Meşedi-Misirýan oýlanmasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Meşedi-Misirýan oýlanmasy MEŞEDI-MISIRÝAN OÝLANMASY

Ine, şa gyzynyň haremhanasy.
Eý-ho, pelek! Öwrülipdir haraba.
Syýahata ugralypdyr bu ýerden,
Çynma-Çyna, Hindi-Hebeş, Araba…

Henizem, bildirýär gazamatdygy!
Munda kimleň ömri laýa batdykan?!
Gaňryşyna gaýdyp gazaply şanyň,
Haýsy arly ýigit, mundan ötdükän?!

Eşidýärin ezilenleň nalasyn,
Ony alyslara äkidýär şemal.
(Wah, yzyma dolanaýyn bahymrak,
Ýogsam, dara çekilmegim ähtimal?!)

Hoş gal, birmahalky gözel Meşedi!
Hoş gal, birmahalky täsin Misirýan!
Asyrlardan geçen ahyňyz diňläp,
Düýnüňizi göz öňümden geçirýän… Goşgular